# Weniamin Kawerin

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar,Söhbetdeşlik,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 25 января, 2025
Weniamin Kawerin WENIAMIN KAWERIN




Weniamin Aleksandrowiç Kawerin (hakyky familiýasy: Zilber), 1902-nji ýylyň 6-njy aprelinde Russiýa Patyşalygynyň Pskow şäherinde dünýä inip, 1989-njy ýylyň 2-nji maýynda Moskwada aradan çykan, rus, sowet ýazyjysy, dramaturgy we ssenariýaçysydyr.
Onuň iň meşhur kitaby “Iki kapitan” romanydyr. Ol roman boýunça adybir başdan geçirmeler filmi hem surata düşürilip, sowet döwründe tomaşaçylaryň ägirt uly söýgüsine mynasyp bolandyr.
W.Kawerin Stalinda adyndaky baýragyň II derejesiniň eýesidir.
W.Kaweriniň kakasy 96-njy Omsk pyýada polkunyň orkestriniň ýolbaşçysy (kapelmeýsteri) Abel Abramowiç Zilberiň hem-de saz gurallary dükanlarynyň bikesi Hanna Girşewna Dessonyň alty çagaň arasyndaky körpe çagasydyr.
W.Kaweriniň kiçi uýasy Leýa Abelewna Zilber (1892-1944), durmuşa çykyp adyny üýtgedensoň, Ýelena Aleksandrowna Tynýanowa hem ýazyjydyr. Onuň dogany Lew Zilber (1894-1966) bolsa belli sowet wirusolog alymydyr.

1912-nji ýylyň 14-nji awgustynda W.Kawerin synaglary tabşyryp, Pskow guberniýasynyň gimnaziýasynyň taýýarlaýyş synpyna okuwa kabul edilýär. Şol ýerde-de W.Kawerin (şo wagt Weniamin Zilber), alty ýyllap okaýar.
1917-nji ýylyň rewolýusiýasyndan soň W.Kawerin Leningradyň Diri gündogar dilleri institutynyň arapşynaslyk bölümini 1923-nji ýylda tamamlaýar. Yz ýanam Leningradyň döwlet uniwersitetiniň taryh-filologiýa fakultetini 1924-nji ýylda gutarýar. 1929-njy ýylda bolsa ol “Baron Brambeus. Osip Senkowskiý taryhy” atly temadan dissertasiýasyny gorapdyr.
W.Kawerin, “Kawerin” diýen tahallusy (edebi lakam, psewdonim) ol A.Puşkiniň ýaşlykda dosty, soň Puşkiniň “Ýewgeniý Oneginde” hut öz ady-familiýasy bilen şekillendirilen, gusar (ýeňil atly goşunyň gullukçysy) P.P.Kaweriniň hormatyna alypdyr.
W.Kawerin “Leýpsig şäheriniň 18…ýyl boýunça seneýazgysy” atly ilkinji hekaýasyny 1922-nji ýylda neşir etdiripdir.
1920-nji ýyllaň başynda W.Kawerin “Serapion doganlary” atly edebiýat birleşiginiň agzasy ekeni. Ol öz topardaşlarynyň täsiri bilen ilkinji hekaýalaryny fantastika sýužetli ýazypdyr.
Onuň döwürdeş wakalara ýüzlenmesi 1926-njy ýylda ýazan “Ykbalyň ondan dokuz bölegi” atly romanynda başlanypdyr. Ol 1927-nji ýylda “Uly ýangynlar” atly toparlaýyn romany ýazmaga gatnaşypdyr.
Soňra 1935-1936-njy ýyllarda, iki kitapdan ybarat “Arzuwlaryň wysal bolmagy” atly roman, ondan soňra 1953-1956-njy ýyllarda ýazylan “Açyk kitap” romany bolsa sowet intelligensiýasynyň döredijilikli zähmetine hem-de ylmy gözleglere bagyşlanypdyr.
Ýokarda-da bellenip geçilişi ýaly, W.Kawerine meşhurlyk getiren eser 1940-1945-nji ýyllarda ýazylan, iki kitapdan ybarat “Iki kapitan” atly başdan geçirmeler romanydyr.
Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda W.Kawerin Demirgazyk flotda işläpdir. “Iki kapitan” romany üçin maglumat ýygnanda-da flotda gulluk edýän deňizçileriň, serkerdeleriň ummasyz köpçüligi bilen söhbetdeşlikler geçiripdir.
1945-nji ýylda W.Kawerin harby deňizçileriň uruş ýyllaryndaky edermenliklerini şöhlelendirmekde bitiren işleri üçin Gyzyl Ýyldyz ordeni bilen sylaglanypdyr.
W.Kawerin, 1958-nji ýylda B.Pasternagyň adybelli “Lukman Žiwago” romanynyň daşary ýurtda çap edilendigi sebäpli hem-de şol roman üçin onuň SSSR-iň hökümetinden rugsatsyz edebiýat

boýunça Nobel baýragyna hödürlenmegi zerarly, B.Pasternagy köpçülikleýin ýekirmäge gatnaşmadyk SSSR-de meşhur ýazyjylaryň uly ýaşlylarynyň içinden ýeke-täk özüdir.
1962-nji ýylda bolsa “Ýaş gwardiýa” neşirýatynda M.Bulgakowyň “Jenap de Molýeriň ömri” atly kitaby neşir edilende, W.Kawerin romanyň gapdalyna goşulýan kepilnamada M.Bulgakowyň “Ussat we Margarita” atly romany hakda ilkinji resmi ýazgy galdyranlaryň biridir. Ol şol ýazgysynda şol romanyň: “her babynda görlüp-eşidilmedik hadysalaryň bolup geçýändigini” belläpdir.
1968-nji ýylda bolsa ol şo döwürde SSSR-iň Ýazyjylar birleşmesiniň başlygy K.A.Fedine “Açyk hat” bilen ýüz tutup, onuň A.Solženisynyň “Düwnüklileň binasy” atly eserini çap etmegi gadagan edendigi üçin onuň bilen hemme gatnaşyklaryny kesýändigini yglan edipdir.
Belli rus edebiýatyny öwreniji nemes alymy W.Kazak W.Kaweriniň döredijiligine şeýle baha beripdir:
“Kawerin – düýpli rus ýazyjylarynyň biridir. Kaweriniň romanlary hereketiň dykyzlygy, käte bolsa – detektiw özüneçekijilik hem-de ussat gurluşy bilen tapawutlanýar”.
*Çeşmesi: https://ru.wikipedia.org/wiki/Каверин. 12.09.2022ý.*
Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly